# Musulmana iň ýakyn haýwan

Category: Haýwanat dünýäsi,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Musulmana iň ýakyn haýwan MUSULMANA IŇ ÝAKYN HAÝWAN

Musulmana iň ýakyn haýwan diýip, düýe janawara aýtsa bolar. Gadymdan gelýän gürrüňlere görä, Muhammet pygamber Allanyň ýüz adyny bilýän ekeni, ýakynyndakylara şolaryň togsan dokuzysyny aýdypdyr, ýüzünjisini Hezret Ala, hemem iň eý görýen düýesine aýdanmyş. Düýä keramatly haýwan diýse bolar. Çaryýarlaryň biri bolan Omar: «Arap diňe düýesiniň elten ýerinde rowaçlanyp biler» diýipdir.
Pygamberler hakyndaky ýazgylarda aýdylýan pikirlere görä, musulmanlar düýeden ýüz öwren mahaly olaryň başyna ahyrzaman, kyýamat inmeli.
Gurhanyň ýedinji süresinde bet ýola, haramlyga baş urýan halkyny Allanyň merhemetli ýoluna dolajak bolýan Salyhyň taryhy beýan edilýär. Salyh Alladan degerli nyşan hökmünde olara sagylýan düýäni getirip berýär, oňa göwnejaý seretmegi wagyz edýär. Emma olar janawary öldurýärler, şeýlelik bilen Allanyň keramatyny inkär edýärler. Azan halkyň başyna Allanyň emri bilen bela-beter inýär.
Olar süýt berýän düýäni öldürip, çarwalaryň mukaddes däbini bozupdyrlar, agyr jenaýata baş goşupdyrlar.
Araplar Alla düýäni aýratyn toprakdan ýasapdyr diýýärler.
Gündogarşynas T.A.Putinewa «Yzlar Arabystanyň çöllerine alyp barýar» atly kitabynda duş barada araplaryň şeýle sözüni getirýär: *«Düýe bizi iýdirýär, içirýär, geýdirýär, mundurýär. Onuň siýdigine kellämizi ýuwýarys, tezegi öýmuzi ýyladýar. Biz çykgynsyz pille adamy heläkçilikde galdyrarys welin, düýäň keşiginden birdem ýüz öwurmeris».*
661-nji ýylda Hezret Aly haýynlyk bilen öldurilýär. Aňyrdan gelýän gürrüňe görä, ol öz jesedni düýä ýüklemegi wesýet edipdir. Düýe erkine goýberiň, ol nirede çökse, şol ýerde-de meni jaýlaň diýipdir. Häzirki Nejef şäheri duýäniň çöken ýeri bolmaly, Alynyň mawzoleýem şol ýerde.

Ine. Bagt düýäniň aýagy bilen ädim urýar diýýärler.
Ine. Düýesi bolmadyk kişi gurakçylyga uçuran ekin ýalydyr diýýärler.
Düýäniň nämedigini türkmene düşündirip oturmagyn geregi barmy diýersiňiz? Geçmişdäkiler üçin geregi bolmandyr, emma häzirki nesillere düşündiriläýse-de bolman durmaz.
Biz düýäniñ gaňşyrawugyňy tütedip barýan çalyny içip gägirip, gözümizi ýaşardyp otyrkak, çeşmesine bereket diýsegem, ol çeşmäni saklamagyñ aladasy hakynda oýlanyp duramzok. Halkymyzyň öten günlerini beýan edenimizde ýel kimin ýeňil atlarymyzyň tarypyny etirýäris. Bedewler Türkmeniň ganaty bolupdyr diýýäris.
Bedewi ganaty bolsa, göwresi düýedir. Hatap galany göteren düýedir. Agyr durmuşa çydamy turkmen düýesinden öwrenendir diýsek-de ýalňyşyp durmarys.
«Somalide ýaňy dünýä inen çagany düýäniň süýdiginiň aşagyna tutýarlar, çaga güýç gelýär, göz degenok» diýip, «Eho planeta» žurnalyndan okanym ýadyma duşýär. Şol ýerde düýe süýdüni turşamazlygy üçin saglan badyna tüssä gapdyrýarlar diýip ýazan ekeniler.
Türkmenleriň arasynda düýe bilen bagly dörän emleriň, yrymlaryn toplumy özbaşyna kitap bolsa gerek.
Neneňsi bolsa-da, biz düýe hakynda hemme zady bilýäris diýip bilmeris. Ynha, düýe janawaryn suwsuzlyga çydamlydygy hakda haýran galaýmaly gürrünler edilýär. Sebäbini sorasaň köplenç düýäniň aşgazanynyň gapdalynda suw saklaýan haltasy bar diýýärler. Suwsuzlyga uçuran adamlar özlerini halas etjek bolup, mahal-mahal düýe janawaryn garnyny hem ýarypdyrlar. Bu ynanjyň ýerliksizdigini biljek bolsaňyz dünýä belli tebigaty öwreniji alym, syýahatçy Berngard Grjimegiň «Afrikanyň haýwanlarynyň arasynda» diýen kitabyny okaň. Ol ýerde howaýy, çaklama gürrüň edilenok, alymlaryň uzak mahal alyp baran ylmy derňewlerinden ýüze çykan faktlara daýanylýar.
Düýäniň içinde ätiýaç suwy saklaýan halta ýok ekeni. Aşgazanynda lödere bolýar, ony sykyp süzeňde-de ugurly suw alyp bolanok, bolanjasam porsy, içer ýaly däl. Onda düýäniň çydamlylygy nämä baglyka?

Birinjiden, örkujiniň aşagyna ýygnaýan ýagyna bagly. Düýe şol ýagy suwa öwrup bilýär. Ylmy derňewleriň takyklamalaryna görä, örküçde ýygpanan kyrk kilo ýag kyrk litr suw berip bilýor. Ikinjiden, adamyň hem düýäniň ganyndaky suwuň mukdary prosent taýdan deňeçer, ýagny bedendäki suwuň on ikiden bir bölegine barabar. Eger düýe yssy, suwsuzlyk zerarly umumy agramynyň dörtden birinn ýitiren ýagdaýynda, onun gany ozündäki suwuň diňe ondan birini ýitirýär. Şunuň üçinem düýäniň gany goýalmaýar. Gan goýalmasa güýç gaçanok, çydamlylyk peselenok. Deň şertde adam ganyndaky suwuň üçden birini ýitirýär, gany goýalýar, güýç-kuwwaty gaçýar.
Üçünjiden, düýänin örkujindäki ýag ony aşa gyzmakdan saklaýar. Gyzgymdan ýene bir saklaýan zat örkuçdoki ýüň. Eger düýänin tuguş bedeni ýün bilen örtulen bolsady, onda ýaman bolardy, bedendäki ýylynyň daş çykmagyna päsgelçilik dörärdi.
Dördünjiden, düýe howanyñ ýagdaýyna görä bedeninin temperaturasyny üýtgedip bilýär. Juda çydamsyz, erbet yssyda temieraturasy 40° ýetýär, diňe şol derejsde düýe derleýär. Werde düýe derlemeýär, derlemesede suw az çykýar. Gijelerine çöl sowanda düýäniň temperaturasy hem pese düşýär.
Ine, düýäniñ suwa çydamlylygynyň sebäpleri. Asyl bar-a, Hudaý ony çöl üçin ýaradaýan bolsa nätjek!

Tirkiş JUMAGELDIÝEW. Haýwanat dünýäsi